Jemgyýet, halk mugallyma birinji derejeli ähmiýet berýär, onuň asylly, jogapkärli käri bilen içgin gyzyklanýar, ýaşaýyş durmuşy barada alada edýär. Sebäbi mugallym ýaş nesli akylly-başly, edepli-ekramly edip ýetişdirmek bilen ýörite meşgul bolýan adam. Jemgyýeti ilerledýän, onuň ykdysady, ýaşaýyş-durmuş, medeni derejesini ýokarlandyryp, ýurduň syýasy durnuklylygyny, il abadanlygyny we agzybirligini pugtalandyryp biljek adamlary kemala getirýän mugallymdyr. Il içinde onuň mertebesi belentdir. Halk mugallyma özüniň iň eý görýän zady bolan çaganyň ykbalyny ynanýar. Çünki ol mugallymyň yhlasly zähmeti bilen çaganyň kemally adam – ylymly-bilimli, ahlakly, medeniýetli, hünärment adam bolup ýetişjegine ýüregi bilen ynanýar. Munuň özi mugallyma goýulýan belent sarpadyr, şol bir wagtyň özünde-de onuň üstüne ýüklenýän uly jogapkärçilikdir.

Türkmenler geçmişde-de mugallyma uly sarpa goýupdyr, oňa aýratyn hormat bilen garapdyr, onuň sowadyna we öwredijilik ukybyna ýürekden ynanypdyr. Muňa türkmeniň ,,baldan süýji” balasyny molla berende, „eti seniňki“ diýip aýdan pähimi-de güwä geçýär. Hat-sowat öwredýän,  tälim-terbiýe berýän adamyň gadyr-gymmatynyň bilinmegi türkmen halkynyň hemişe-de ylym-bilime teşne bolup gelenligindedir, onuň ýaşaýan ýerlerinde gadymy siwilizasiýanyň ýokary göterilip, dünýä ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine saldamly  goşant goşan beýik danalaryň bolanlygyndadyr.

Gündogaryň beýik danalary – Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň,  Ibn-Sinanyň, Omar-Haýýamyň öz döwürdeşleri we özlerinden soňkular üçin deňsiz-taýsyz halypa, ussat mugallym bolandyklaryny aýtmak bolar. Mysal üçin, Gündogaryň beýik akyldary Faraby „mugallymlaryň mugallymy“ diýip atlandyrylýar. Oňa Güdogaryň hem Günbataryň belli alymlary „Ikinji mugallym“, „Ikinji Arestotel“ diýip baha beripdirler. Beýik Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azadynyň sözüň hakyky manysynda mugallym bolandygyny, onuň ilkinji türkmen alym-pedagogy diýlip hasap edilýändigini hiç kim inkär edip bilmez.

**Mahym SAPARBAÝEWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň 2-nji ýyl talyby**

Все права защищены